***Düýn, 30-njy dekabrda ýurdumyzyň Bilim ministrliginiň mejlisler jaýynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamynda abraýly halkara ders bäsleşiklerinde baýrakly orunlara mynasyp bolan mekdep okuwçylary we ýokary okuw mekdepleriniň talyplary hem-de olary halkara bäsleşiklerine taýýarlan mugallymlar sylaglanyldy.***



Olara Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Hormat hatlary, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň ýadygärlik sowgatlary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены